# NOWRUZ BILEN BAGLY DÄP-DESSURLAR WE OLARYŇ DÖREÝŞI BARADA ROWAÝATLAR

Nowruz adamzadyň taryhynda dörän ilkinji hem gadymy baýramlaryň biridir. Nowruz baýramy ilkinji gezek ynsanlaryň dünýä ýaýran ýeri bolan Mesopotamiýada sümerler tarapyndan bellenilipdir. Sümerler bu baýramy „Akitil“ diýip atlandyrypdyrlar. „Til“ sümer dilinde *ýaşamak* we *täzeden dogmak* diýen manyny aňladýar. 2010-njy ýylda BMG-e tarapyndan Nowruzyň halkara derejesindäki baýram diýlip yglan edilmegi bu baýramyň döreýşi hem bellenilişi baradaky maglumatlaryň içgin öwrenilmegini has-da artdyrdy.

Musulman dünýäsinde Nowruz baýramynyň döreýşi barada birnäçe ynançlar, rowaýatlar bar. Rowaýatlardan çen tutulsa: Nowruz dünýäniň ýaradylan günümiş, ilkinji ynsan - Adam atanyň hamyrynyň ýugrulan günümiş, Ýusup pygamberiň guýydan,Ýunus pygamberiň balygyň garnyndan çykan günümiş, Nowruz Nuhuň tupanyndan soň, suwuň çekilendigini, topragyň gurandygyny şeýle-de, baharyň gelendigini, täze güni buşlan gögerçiniň şahajyk getiren günümiş. Başga bir rowaýata görä bolsa, Nowruz Süleýman pygamber bilen bagly. Ol bütin dünýäniň hökmürowanlygyny özünde jemleýän jadyly ýüzügini ýitirenmiş we soltanlygyny elden gidirenmiş. Ýüzük kyrk günden soň tapylyp, ýene-de Süleýman pygambere ähli barlygy bilen yzyna dolanyp gelenmiş. Muny gören parslar:„Newruz Amed“ ýagny, „Täze gün geldi“ diýenmişler. Ýa-da Nowruz Jennetden kowulan Adam ata bilen How enäniň eden günäleriniň bagyşlanylyp, Arafat dagynda bir-birine gowşan günümiş. Türki halklardaky ynanja görä, aşyklar magşugyna aýtmak islän sözlerini şol güne goýupdyrlar. Şol gün bir-birine gowuşsalar, olar uzak ýyllap berk hem bagtly maşgala boljakdyklaryna ynanypdyrlar.

| | |
|---|---|
| Gülleriň mahmalydyr, | Gyz-oglan bir-birini |
| Nowruzyň Baharydyr, | Seçmeli mahalydyr. |

diýen monjugatdy setirleri hem bu ynançdan gelip çykan bolsa gerek.

Nowruz bilen bagly däp-dessurlar bolan şaman ot ýakmak we otdan bökmek, Äşe-Patmanyň tagamy-semeni bişirmek däbi, suw sepmek däbi barada hem halk arasynda ajaýyp rowaýatlar ýaşaýar. Bular barada dokladymyzda giňişleýin gürrüň berilýär.